# Kasym Süleýmany – homeýnizmiň ýüregi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kasym Süleýmany – homeýnizmiň ýüregi KASYM SÜLEÝMANY – HOMEÝNIZMIŇ ÝÜREGI




*Tramp Süleýmanynyň nirdedigini bilen ABŞ-nyň ilkinji prezidentimidi? Ýa-da Waşington bilen Tähranyň arasyndaky şeýle ikiýüzli, çemeçil oýuny duruzmagy müwessa bilen ABŞ-nyň ilkinji prezidentimidi?*
Öňki ýazgyda Saddam Hüseýiniň ölüm jezasynyň ýa-da Gurban baýramynda Eýrana garaşly şaýy partiýalary tarapyndan gurban edilmeginiň ýyl dolanşygyna yşarat edilipdi.
Bu ýazgyda-da täzeden Saddam Hüseýiniň gürrüňini edip oturmagyň geregi ýok.Emma Saddam Hüseýiniň öldürilen güni bilen onuň eýranlu duşmany Kasym Süleýmanynyň we Ebu Mehdi el-Mühendisiň öldürilen wagty biri-birine diýseň ýakyn.
Rewolýusion gwardiýa degişli "Kuddus güýji" goşun bölüminiň serkerdesi Kasym Süleýmany we "Haşdi Şabi" toparynyň başlygynyň orunbasary Ebu Mehdi el-Mühendis 2020-nji ýylyň 3-nji ýanwarynda Bagdadyň Halkara howa mezniliniň golaýynda ABŞ-nyň prezidenti Donald Trampyň ýolbaşçylygyndaky hökümet tarapyndan geçirilen operasiýada öldürilipdi.
Sebitdäki parahatçylygyň köp sanly tarapdary üçin Trampyň bu üstünligi Kasym Süleýmanydan we garaýüzli homeýnist režimiň şumluklaryndan ejir çekýän millionlarça adamyň söýgüsini

gazanmaga ýeterlik boldy.
Obadan çykan bu eýranly adamyň ömri bütin dünýäde şeýle şeýtany şumluklar enjamyny güýje girizen adam obrazyny janlandyrýar.
Süleýmany ýaşlygynda homeýni maksatnamasyna jany-teni bilen hyzmat edip we uly höwes bilen bitewileşmegiň, şeýdibem beýgelmegiň ýoluny tapypdy.
1957-nji ýylda Kum şäherinde dünýä inen Süleýmany Eýranyň günorta-gündogaryndaky Kirman welaýatynyň Rabur obasynda garyp maşgalada önüp-ösdi.
Gurluşuk işçisi bolup işläp ýörkä, has soňra 1979-njy ýylyň Homeýni rewolýusiýasyna çenli Kirman şäher sowetiniň Suw üpjünçilik edarasynda işledi.
Yzyndan täze režimi goramak üçin gurulan Rewolýusion gwardiýanyň hataryna goşuldy. 1998-nji ýylda bolsa Eýranyň “Kuddus güýji” diýip tanalýan daşary ýurtlardaky terrorçylykly şahamçasynda serkerde wezipesine çenli beýgeldi.
Görünmän işleýän adam pers mifologiýasynyň legendar gahrymany Rüstem ýaly eýran propogandasynyň saýasynda supergahrymana öwrüldi.
Yrakdaky, Siriýadaky, Liwandaky bandalara görkezme berýän suratlarda ýer aldy. Heniz mälim edilmediklerini bolsa bizem bilemzok.
Sebitdäki Eýranyň howpsuzlyk syýasatynda öňe çykan eýranly figura öwrülen süleýmany “Uly Şeýtan” ABŞ bilen howpsuzlyk bähbitleri oýnunyň koordinasiýasynda rol oýnady!
007-de Waşington we Tähran bu ýerde ýaramazlaşýan howpsuzlyk ýagdaýy bilen baglanyşykly ikiçäk geçirilýän duşuşyklar üçin Bagdada delegasiýalar ugratdy.
ABŞ-nyň Yrakdaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi Rýan Kroker 2013-nji ýylda “BBC”-ä beren reportažynda general Süleýmanynyň Bagdat duşuşyklarynda oýnan rolunyň ikilenç ulanylmagyna çagyrypdy.
ABŞ-nyň we Eýranyň howpsuzlyk toparlarynyň arasyndaky gepleşikler wagtynda Eýranyň Yrakdaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi telim gezek arakesmä çykmagy talap edipdi, meger ol, gapdalky otagda Süleýmana jaň edip, ondan masalahat

sorajak bolanmyş… Süleýmany Owganystan sahnasynda-da görünmän yzky hatarda oturyp etjegini edipdi.
Süleýmanynyň täsirliligi gürrüňi gidýän kast edilşikden öňinçä ýetjek derejesine ýetipdi.
Gönüläp soraýan:
Ýogsa-da, Tramp Süleýmanynyň nirdedigini bilen ABŞ-nyň ilkinji prezidentimidi? Ýa-da Waşington bilen Tähranyň arasyndaky şeýle ikiýüzli, çemeçil oýuny duruzmagy müwessa bilen ABŞ-nyň ilkinji prezidentimidi?

Mişari ZEÝDI,
Saud Arabystanly žurnalist.

Şenbe, 07.01.2023 ý. Publisistika